# «Güýz howasy ýaly mylaýym bolsaň…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Güýz howasy ýaly mylaýym bolsaň…" «GÜÝZ HOWASY ÝALY MYLAÝYM BOLSAÑ…»

Güýz howasy ýaly mylaýym bolsaň,
Topugňa çykmasa deňiz tupany.
Garalap ýa sahypalaryn ýyrtyp,
Kösemeseň ömür diýlen kitaby.

Tanamasaň gahar diýlen apaty,
Öýke öýkelese ýüz bermäniňe,
Ýyllar haýran galsa synaglarynda
Sykylyp-sykylyp özgermäniňe.

Ýa-da hol kinonyň gahrymany deý
Gül gowşursaň öňden çykan adama.
Ýa göwnüňi güle öwrüp gowşursaň…
Ömür diýlen zadyň iki gündügi
Düşmezmikä adamlaryň ýadyna?!

Agageldi ITALMAZOW. Goşgular